Düýn paýtagtymyzyň Olimpia şäherjiginde Hokkeý boýunça halkara ýaryşa badalga berildi. 10 larça döwletiň hokkeý toparlarynyň gatnaşmagynda geçiriljek bu ýaryş ýurdumyzda sportyn gyşky görnüşlerine degişli bolan ilkinji halkara ýaryşdyr.

Aslynda hokkeý oýnunyň özboluşly taryhy bar. Hokkeý (iňlis hokkeýi), buz, tartan, plastmassa, agaç ýa-da ot zallarynda oýnalýan oýunlar maşgalasy bolup, onda iki topar maksada ýetmek üçin ýörite jisimi (şaýba ýa-da pökgi) nyşana – derwezä urýarlar. Her toparda öz toparynyň maksadyny goraýan bir derwezeçisi we birnäçe meýdan oýunçysy bar. Hokkeýiň köp görnüşi bar, meselem, hokkeý, bandy, meýdan hokkeýi we başgalar.

Egri taýaklar we toplar bilen bagly oýunlary köp medeniýetleriň taryhyndan tapyp bilersiňiz. Müsürde taýakly we daşly toparlary şekillendirýän 4000 ýyllyk oýulyp ýasalan gymmatlyk tapyldy. Irlandiýada kýörlinge meňzeş oýunlar miladydan öňki 1272-nji ýyla degişli edildi.

Takmynan biziň eramyzdan öňki 600-nji ýyllara degişli edilýän Keretizein (κερητεειν) diýlip atlandyrylýan oýnuň gadymy grek şekillendirişinde görmek bolýar. Bu oýun şah ýa-da şah ýaly taýak, keras (κρρας) bilen oýnalypdyr. Içerki Mongoliýada Daurlaryň oýnan beýkowy takmynan, 1000 ýyl bäri dowam edip, häzirki zaman meýdan hokkeýine meňzeş oýundyr.

Biz hem öz gezegimizde, geçirilýän halkara ýaryşynda Ýurdumyzyň Galkan toparyna uly üstünlikleri arzuw edýäris.

**Jemsit SAPARKLYÇEW**
**Türkmen döwlet**
**binagärlik – gurluşyk**
**institutynyň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 22.11.2024